# Bilinäýmeli Troýa

Category: Ertekiler,Kitapcy,Poemalar,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bilinäýmeli Troýa BILINÄÝMELI TROÝA

Taryhda bilinäýmeli zat köp, iň bärkisi, öz taryhymyzam çynlakaý bilemzok, sen bolsa Troýanyň gürrüňni edýärsiň diýjeklerem tapylar. Men şeýle diýjekleriň janygmasyna-da düşünýän, ýöne olary asla goldap biljek däl. Biz mekdepde taryh sapagyny okap başlanymyzda grekler bilen troýalylaryň arasynda bolan uruş hakynda sapak geçipdik. Gadymy dünýä taryhynda belli gahrymanlar Ahilliň, Gektoryň, Agamemnonyň ady hakydamyzda hemişelik galypdy. Biz oba türkmen çagalary, “Illiada”, “Odisseýa” atly meşhur poemalary ýazyp, dünýä edebiýatynyň baş sütünleriniň birine öwrülen Gomeri bilmekden, okamakdan, entek örän daşdadyk. Emma höwesekleriň kalbynda yş döreýärdi. Göroglynyň edermenligini ýada salýan söweşler hakyndaky alan informasiýamyz ulalan çagymyzda maýak kimin bizi gadymy dünýä, gadymy taryha çagyryp biljekdi. Men muny özümden mysal tutup aýdýaryn, men ýaly başga-da köp.
Ýetmişinji ýyllaryň başynda maňa Türkiýede bolmak miýesser edipdi. Türkparazlyk meýilleriň ýüze çykmagyndan juda ätiýaç edýän sowet ideologiýasy bu ýurda gitmegi türkmenlere juda çäklendirýärdi. Ýazyjylara has-da şübheli garalýardy. Türkiýeden alan täsirlerim barada, 1974-nji ýylda çap edilen “Syýahatdan soňky söhbet” atly ýol ýazgylarymda aýdypdym. Häzir şondan Troýa bilen bagly setirleri dykgatyňyza hödürleýärin: “Eýsem, beýik Gomeriň “Illiadasy” hakynda eşitmedik, sowatly adam barmyka?! Gadymy Troýa şäherini eýelemek maksady bilen grekleriň alyp baran söweşleri… Mif şekilli grek gahrymany Ahill bilen troýaly Gektoryň çaknyşygy… Häzirem adamlar ygtybarsyzlygy, ynamsyzlygy, hiläni aňlatjak bolsalar “troýa aty” diýen aňlatmany ulanýarlar. Troýany gaban grekler agaç atyň içinde gizlenip, aldaw bilen şähere giripdirler.
Gomer biziň eramyzdan XII asyr öň bolan waka hakynda gürrüň

berýär. Emma Troýa şäheriniň nirede ýerleşendigini tapmak müňläp ýyllaryň dowamynda adamlaryň islegine öwrülip gelipdir. Troýanyň gözlegi XVIII asyrda çynlakaý başlanýar. Açyş etmek bagty bu sapar arheologlaryň ýa-da alymlaryň paýyna düşmeýär.
Nemes söwdagäri Genrih Şliman Mermer deňziniň golaýynda, ýerli ilat tarapyndan Gyssarlyk ady berlen bir depäni gazyp başlaýar Ol ummasyz başarjaň adam ekeni. Entek kiçijikkä kakasy oňa Gomeriň eserlerini okap beripdir. Troýany tapmak arzuwy onda örän ir döräpdir, şonuň üçinem ol soň ýygnan baýlygyny, güýjüni gaýgyrmandyr. Şliman tiz mahalyň içinde özüne gerek bolaýjak dilleri öwrenipdir. Şeýle tutanýerliligi bilen hem ol Troýany açyp, taryha adyny goýup gidipdir. Şliman hakyky alym ýa-da arheolog bolmany üçin gazyş işini iňňän gödek alyp barypdyr. Onuň galdyryp giden çuň tranşeýasyny öz gözüm bilen gördüm. Ol uruş meýdanyndan galan alamata çalym edýär. Şliman ikinji Troýany açyp, islegli hazynany tapsa-da, beýleki birnäçe taryhy materiallara zeper ýetipdir. Iň ýamanam, Şliman ähtiýalanlyk bilen şertinden dänip, hakyky söwdagär häsiýetini görkezipdir. Öňden onuň Osman imperiýasy bilen şertnamasy bar eken. Ol şertnama boýunça, tapyndynyň gylla ýarysyny imperiýa tabşyrmaga borçly bolupdyr. Şeýdibem, ol gargyşa galypdyr.
Troýanyň harabaçylygy Çanakgala obasynyň golaýynda. Arheologlar şu güne deňiç dokuz Troýany tapypdyrlar. Birinji Troýa biziň eramyzdan üç müň ýyl öň bina edilipdir. Şlimanyň tapan ikinji Troýasy bary-ýogy üç ýüz ýyl ýaşapdyr.
Türkmenistan özbaşdak ýurt bolaly bäri Türkiýe bilen syýasy, ykdysady, medeni gatnaşyklar juda ýygjamlaşdy. Iş sapary, gezelenç, söwda bilen gidýän ildeşlerimden henize çenli Troýa hakynda habar eşitmeýänligim meni biraz gynandyrmanam duranok. Belki, men öz göwnüme osýandyryn. Belki, bu günki adamlary Troýanyň taryhy asla gyzyklandyrýanam däldir? Eger şeýle bolsa, elbetde, bu fakt meni gynandyrar. Troýanyň taryhy adamzat siwilizasiýasynyň gymmatlyklaryna degişli, onuň bahasy, sarpasy döwürlere görä ýokarlanyp, ýa-da peselip duranok. Medeniýetli adam üçin ol arzyly.
Troýanyň taryhy bilen gyzyklanýanlara A.Golanyň “Mif we simwol” diýen kitanynda üns bermäge mynasyp faktlar bar. Öňi

bilen “troýa” diýen söz hakynda. Ol labirint (ötlemler) diýen manyny aňladypdyr. Günbatar Ýewropanyň hemme ýerinde “troýa” sözüniň labirint aňladýandygyna duş gelinýär. Şahyr Wergiliniň aýtmagyna görä, labirintleriň öňünde geçirilýän oýunlara rimliler troýa diýip at beripdirler. Serblerde “troýanka” diýen tans bar. Elbetde bu faktlardan çen tutup, Ýewropanyň gadymy hem orta asyrlardaky ilaty Gomeriň poemalaryny bilendirler, grekleriň Troýany ele salyşlaryna beletdirler diýip bolmaz diýen netijä gelmek bilen A.Golan soňra Ý.Krauzeniň labirintler hakyndaky monografiýasyna ýüzlenip, “troýa” diýen adyň slawýanlaryň hudaýy Troýan bilen deňeşdirilýändigini aýdýar. Krauzaniň pikiriçe, Troýan ýerasty dünýäniň melguny, labirint bolsa, şol melgunyň galasy. Troýanyň ýerasty dünýä degişlidigini subut edýän faktlar getirilipdir. Slawýanlaryň ertekilerinde Troýan Günüň duşmany edilip görkezilýär. Ol üç kelleli, ganatly ýy- lan bolupdyr. Diýmek ol üç kelleli aždarha! Näme üçin labirintiň ady legendar şäheriň ady bilen gabatlaşdyrylypdyr? Günbatar Ýewropanyň gadymy ertekilerinde ata atlanan gahrymanyň ötlem-ötlem bulaşyk ötelgeli jadyly bir gala girip, aýylganç jandary öldürip, bendilikde saklanýan zenany azat edenligi hakynda sýužet bar.

Labirintleriň öňünde geçirlen oýunlara atlylar hem-de agaçdan ýasalan at gatnaşypdyr. Labirintleriň troýa adyny göterendigini ýokarda aýdypdyk. A.Golanyň pikirine görä, Gomeriň poemasynda grekleriň Kiçi Aziýadaky şäheri zabt edip alyşlary baradaky hekaýatlaryň öňden gelýän mif bilen utgaşdyrylan bolmagy ähtimal. Şonuň hasabyna-da hakykatda Ilion atlandyrylan şähere Troýa diýlendir.

Gomeriň Troýasy diýilýän şäheriň ýerinden biziň eramyzdan öňki VII asyrda Täze Ilion diýen şäher salynýar. “Täze” diýen sözüň özem öň şol ýerde köne Ilionyň bolandygyny äşgär edýär. Egeý medeniýetini öwreniji alym Ž.Çedwik Gomeriň beýan eden Troýa urşunyň hakykatda bolmandygyny aýdýar.

Grek goşunynyň hile bilen gala girmek üçin agaç at ulanandygyny Gomeriň poemasynda suratlandyrylýar. Gadymy ertekilerde jadyly gala giren gahrymana at hemaýat berýär.

Labirintleriň öňün- de geçirilýän oýunlarda-da agaç at gatnaşdyrylypdyr. Şol agaç atyň ägirt uly nusgasyny Çanakgalanyň golaýyndaky Gyssarlyk diýen depede Şliman tarapyndan açylan Troýa syýahata baranyňyzda görersiňiz. Men ony synlamda agaç at bilen bagly mifden bihabardym. Eger habarly bolan bolsadym oňa başga göz, täsir bilen garardym.

Umuman, taryhy bilmek adamyň töwerekdäki hakykaty kabul etmek duýgusyny ýitileşdirýär, ony biperwaýlyk keselinden halas edýär. Dünýä taryhyndan habarly adam bilen bihabar adamyň öz halkynyň geçmişine garaýyşlary-da juda parhlydyr. Habarly adam ýüze çykýan fakty seljerip, agramlap görýär, diňe öz göwün islegine görä bada-bat netijä gelmekden saklanýar. Fakt göwün islegine çapraz gelen halatda-da gynanyp durmaýar, gaýta ýalňyş netijeden saklanyp bilendigine kanagat edýär. Habarsyzlar bu tormozy bilmeýärler. Göwün isleglerine gabat gelen fakt taryhy taýdan ýalňyşam bolsa, olar üçin dogry, gabat gelmedik ýagdaýynda hakykatam bolsa nädogry.

Taryhdan biperwaý köpçülik milletçilige gurnalan ideologiýanyň tohumyny sepmek üçin iň ýaramly toprakdyr. Ol toprak näçe mes boldugyça şonça-da ondan önýän miwäniň tagamy ajydyr. Men şu derdeseriň ýol almazlygyny isleýänim üçin öz elimden gelen mümkinçilige görä, haýyr işe hemaýat bermek maksady bilen şu miniatýuralary ýazdym. “Troýanyň taryhy maňa nämä gerek” diýýän dik- tumşuk tekepbirler birdem oýlanyp: ”Bäh, halkymyzyň taryhy, ruhy kökleri dünýä daragtyndan ugur alyp gaýdýan eken-ow!” diýäýseler, şol halat ujypsyzja tagallam ýerine düşdi diýip begenerin.

SOŇY.

1993-2006-njy ýyllar. Taryhy makalalar